# Gijigip geldim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gijigip geldim GIJIGIP GELDIM

Howlukdym,
Bolmady.
Gijigip geldim,
Ýaş kalbyma gaýnag guýan düzlere.
Atamy aldyrdym,
içigip galdym,
Ýüregimde daglar goýan düzlere.

Çagalyk ýyllarym agtaryp geldim,
Çabgasyna suwa düşen düzlerme.
Şeýtan owlak bilen oýnap «Bukuldym»,
Guzy bilen çapyşylan düzlerme.

Ýigdekçe ýyllarmy soraglap geldim,
Läle diňläp, oýa giden düzlerme.
Erte-birgün
ülpüldeýän bägüliň
Soljagyny gaýgy eden düzlerme.

Jahyllyk ýyllarmy idegläp geldim.
…Adyn aýtdym täk şemala düzlerde.
Torgaýlar çalýardy dillitüýdügin
Gygyramda «Aýjemala» düzlerde.
Kalbym köräp, alaw alan düzlerden.

Ýaňy gitdim,
geldim ýaňja öwrülip,
Dem salym – saçyma ak sepip geldim.
Ählisi siňipdir damja öwrülip,
Ýogsa men ýüwürip,
alňasap geldim
Jigerimi hijran çawlan düzlere.